# Atabaýew ýatlanar ýörer

Category: Kitapcy,Medisina,Oýlanmalar,Sözler,Taryhy makalalar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Atabaýew ýatlanar ýörer ATABAÝEW ÝATLANAR ÝÖRER




Moskwanyň W.I.Lenin adyndaky döwlet kitaphanasynda bolup, Oktýabr rewolýusiýasyndan ozalky, ýeke-täk metbugatymyz bolan “Закаспийская туземная газета”-nyň 221-nji nomerini agdaryp çykmak miýesser etdi. Ol gazet 1914-nji ýylyň ahyryndan başlap, tä 1917-nji ýylyň mart aýynyň 20-lerine çenli çykypdyr.
Bu gazetiň türkmen dilinde çykarylandygyna garamazdan, onuň türkmençe ady-da bolmandyr. Ol “Закаспийская туземная газета” diýlip atlandyrylypdyr. Gazet iki dilde – türkmen we pars dillerinde çykarylypdyr. Başgaça aýdylanda, gazetiň her nomeri iki bölümden ybarat bolupdyr: türkmençe bölümine başga bir redaktor gol çekipdir.
Bu gazet Zakaspiý oblastynyň naçalniginiň kanselýariýasy tarapyndan çykarylypdyr hem örän berk gözegçilik astynda bolupdyr. Ol giň okyjylar köpçüligi üçin çykarylýan gazet bolman, diňe oblast adminstrasiýasynda işleýän çinownikler,

oba arçynlary, wolostnoýlar üçin niýetlenipdir. Şundanam gazetiň ideýa-syýasy ugrunyň nähili bolandygyny aňmak bolýar. Gazetiň öňünde goýlan wezipeleriň biri-de adamlaryň aňyny monarhistik ruhda, ýagny patyşanyň “wepaly” raýatlary bolmak ruhunda zäherlemekden ybarat bolupdyr. Emma gazetiň öňünde goýlan esasy wezipe – türkmen obalaryna rewolýusion pikirleriň aralaşmagyna ýol bermezlik bolupdyr. Şeýlelik bilen bu gazet iň bir reaksion-konserwatiw gazetleriň biri bolupdyr.
Gazet hakykatdan hem kolonial adminstrasiýanyň elindäki ynamly ideýa serişdeleriniň biri bolupdyr. Şuňa garamazdan, onuň sahypalarynda öňdebaryjy progressiw pikirler hem özüne orun tapypdyr. Bu pikirleri şol döwrüň magaryflandyryjylary ýaýradypdyrlar. Olaryň arasynda iň görnüklisi-de Muhammetguly Atabaýew bolupdyr. Biz bu makalada hut şu adam hakynda gürrüň etmekçi.
Eýsem Muhammetguly Atabaýew diýilýän kimkä? Oňa näme üçin gazet uly baha beripdir?
Biz elimizde bar bolan maglumatlara görä, Muhammetguly Atabaýewiň 1885-nji ýylda doglandygyny, özüniňem häzirki Gökdepe raýonynyň Nohur obasyndandygyny bilýäris. Onuň kakasy Atabaý arçynyň gurply adam bolandygy-da belli. Ol ogly Muhammetgulyny ilki Tejendäki rus-türkmen mekdebinde, soňra Daşkentdäki Türküstan mugallymçylyk seminariýasynda okadýar. Professor tagan Berdiýewiň aýtmagyna görä, Muhammetguly Atabaýew Gaýgysyz Atabaýew bilen söwer dost bolupdyr. Olar Daşkentdäki mugallymçylyk seminariýasyna girmek üçin ekzamen tabşyrmaga gidýärler. Şonda bu iki ýigit ýiti zehini bilen hemmäni aňk edýär. Muhammetguly bilen Gaýgysyz iýeni-çeni aýry gitmeýän dost bolupdyr. Okap ýörkäler, olar tomsu kanikulyna-da bile geler ekenler. Muhammetgulynyň kakasy her sapar iki ak telpek, iki gyrmyzdon, iki tirme guşak, iki jüp gara ädik bilen, Arçman stansiýasynda garşylamak üçin olaryň öňünden çykar eken. Eşikleriň birini Muhammetgula, beýlekisini Gaýgysyza geýdirer eken. Taryh ylymlarynyň kandidaty B.Gurbanow arhiw materiallarynyň arasynda Atabaýew diýen bir adamyň sosial-demokrat guramalara pul kömegini edendigi baradaky maglumaty görendigini aýdýar. Şu maglumatyň takyklanylmagy gerek.
1915-nji ýylyň başynda Muhammetguly Atabaýew Aşgabatda işläp ýörkä, samoderžawiýe üçin “howply” adam hökmünde Çelekene sürgün edilipdir diýip çak edýäris. Ýöne şol wagtlar Çelekende

rewolýusion iş alyp baran bolşewikler bilen onuň nähili aragatnaşykda bolandygy entek bize belli däl. Çeleken şol wagtlarda Türkmenistanda işçiler hereketiniň merkezlerinden biridi. Çelekeniň işçileri I.Fioletow ýaly bolşewikleriň başda durmagy bilen, telim gezek iş taşlaýyş yglan edipdiler.


ЗАКАСПІЙСКАЯ
ТУЗЕМНАЯ ГАЗЕТА

Muhammetguly Atabaýew ýokarda ady tutulan gazetiň sahypalarynda häli-şindi çykyş edip durupdyr. Ol ilki-ilkiler şol gazetiň redaksiýasynda işläpdir. Şol gazetiň üsti bilenem ol özüniň magaryflandyryjylyk ideýalaryny beýan edipdir. Gazetiň birinji nomeri Muhammetguly Atabaýewiň baş makalasy bilen açylýar. Awtor öz makalasyny “Türkmen halkyna!” diýip atlandyrypdyr. Şol makalada M.Atabaýew öz halkynyň uçdantutma sowatsyzdygyny, onuň yzagalakdygyny belleýär. Şuňa garamazdan, türkmen dilinde gazet çykyp başlamagyny ol tüýs ýürekden gutlaýar. Oňa çäksiz begenýändigini aýdýar. Öz halkynyň sowatsyzlygyny ýok etmekde şol gazet uly rol oýnar diýip umyt baglaýar.
Kolonial düzgüniň höküm sürýän şertlerinde halkyň uçdantutma sowatszylygyny ýok etmek mümkin däldi. Emma M.Atabaýewiň şol ýagty arzuwlary sosialistik rewolýusiýany ruhy taýdan taýýarlamakda ähmiýetli rol oýnady. Muhammetguly Atabaýew imperializmiň kolonial sütemininiň ykdysady, sosial hem-de syýasy durmuşda ýüze çykaran düzgünleriniň hemmesine duşmançylyk bilen garaýardy. Ol şol agyr ýagdaýdan çykmagyň ýollaryny agtarýardy. Onuň düşünişine görä, halk sowatly bolsa, mekdeplerde çagalaryny okatsa, ýaşaýyşda käbir ýewropalaşdyrylan düzgünler girizilse, halkyň ýagdaýy ýeňilleşmelidi we öz yza galaklygyndan dynmalydy. Şu ideýa onuň beýleki makalalarynyň içindenem eriş-argaç bolup geçýär. Ol özüniň “Okuw we türkmen medeniýeti” diýen mowzugly makalasynda “…millete hemme zatdan, iýmekden-içmekden beter gerek zat – okuw, ylymdyr” diýip ýazýar.
Muhammetguly Atabaýewiň şu ideýalary giň seslenme tapýar. Gazetiň sahypalarynda magaryflandyryjylyk ideýalarynyň

tarapdarlary awtory goldap, yzly-yzyna çykyş edýärler. Mollalar bolsa Atabaýewiň öňe sürýän pikirlerine garşy çykyş edýärler.

Türkmen halkyny sowatly etmek, ony öňde barýan medeniýete çekmek hakyndaky meseläniň töwereginde gazetde ýiti çekişme başlanýar. Şol döwrüň öňdebaryjy adamlary Atabaýewi täze medeniýetiň, ylmyň jarçysy hasaplasa, molladyr işanlar ony “dinden çykan”, “türkmeniň adyny ýitiren” diýip yglan edýärler. Reaksiýa M.Atabaýewiň we onuň pikirdeşleriniň üstüne barha möwç urup topulýar. Şol döwürde Orazgylyç molla diýen biri uly makala bilen çykyş edip, M.Atabaýewiň üstünden düşýär. Ol “Atabaýew ili ýoldan çykarjak bolýar, türkmene okuw nämesine gerek” diýen ters pikiri öňe sürýär. Molla halka öz sözlerini tassyklatmak üçin “…biziň türkmen jemagatlarymyz şu wagtda başga milletlere garaňda, her bir ilatdan kem däldir” diýip, konserwatiw monarhistik pikirini orta atýar. “…Ylym okamak, ýazmakny, bildirmek, ýolda gezen ogrular bardyr, emma elinde gylyç, tüpeň ýok, mezkur ogruga gylyç, tüpeň beren ýaly bolar” diýip, ol türkmen halkyna töhmet atmakdanam gaýtmaýar.

Görşümiz ýaly, iki sany biri-birine düýpgöter garşylykly pikir aç-açan çaknyşýar.

Muhammetguly Atabaýew we onuň pikirdeşleri haýal etmän, mekdepler açyp, onda çagalary okadyp, dünýewi bilimleri bermek, durmuşyň ýewropalaşdyrylan formalaryny goldamak, rus halkynyň medeniýetini, medisinasyny, ekerançylygyny ylmy esaslarda alyp barmak, azat söýgi, erkin nika ýaly meseleleriň dogry çözülmeginiň tarapynda durýarlar. Gadymy feodal gatnaşyklary esasynda ýüze çykan we reaksion dini däpler bilen boýalan köne “türkmençilik” ideologiýasynyň tarapdarlary Orazgylyç molladyr onuň ýaranlary türkmene dört zat: dini düşünje, ýagşy at, ýagşy jöwher gylyç we ýagşy aýal bolsa bolýar, ondan başgasy artykmaçdyr diýip, ylymly bolmagyň, hat-sowat öwrenmegiň garşysyna nadaralyk baryny edýärler.

Emma M.Atabaýewdir onuň pikirdeşleri-de gaýra oturmaýar. Olar yslam dinini we feodal yza galaklygy goramaga dyrjaşýan Orazgylyç molla ýaly reaksion ruhany toparlara garşy ýangynly çykyş edýärler. Rus mekdeplerinde okamak, rus dilini öwrenmek, rus medeniýetini özleşdirmek, ýewropalylaryň geýýän geýimini geýmek, umuman, ruslar bilen aragatnaşykda bolmak “külli günädir” diýlen toslamalaryň garşysyna göreş barha örç alýar. Şol döwürde yslam dininiň “sütünlerinden” hasaplanýanlaryň

biri-de Durdy işan ogly Seýitahmet işan eken. Bu adam çekişmeleri çözmek maksady bilen, gazetde ýörite çykyş edýär. ol Orazgylyç mollanyň sanap geçen zatlarynyň hemmesini inkär edýär. keseki milletiň dilini bilmek, medeniýetini özleşdirmek, dünýewi bilimler bilen tanyş bolmak günä däl diýýär.
Ýogsam, Seýitahmet işanyň özem progressiw düşünjä eýeren adam däl. Ýöne şol döwürdäki dörän ýagdaýy nazarda tutupmy ýa-da başga sebäplere görämi, garaz, Seýitahmet işan şol gözedürtme ýalan toslamalary goldamandyr. Ol mekdepler açmaly, emma şol mekdeplerde geçilýän sapaklaryň içinde yslam dininiň ideologiýasy aýratyn orun tutmalydyr diýen pikiri öňe sürýär.
Şu mysallar M.Atabaýewiň batyrgaýlyk bilen öňe süren ajaýyp pikirleriniň ideýa göreşiň merkezinde durandygyna şaýatlyk edýär.
Azat söýgi hem erkin nika meselesinde-de edil şeýle çekeleşikler guralypdyr.
Muhammetguly Atabaýewdir onuň pikirdeşleri azat söýgi we erkin nikanyň tarapynda gowy maşgala durmuşyny gurmak ugrundaky göreşi ýaýbaňlandyrmagyň tarapynda durýarlar. Bu pikirleri M.Atabaýew özüniň “Täze çykan türkmen okuwy”, “Galyň jähtinden. Bazy ynsan söwdasy türkmenler arasynda”, “Türkmen aýallarynyň zehini” diýen mowzugly makalalarynda gozgaýar. M.Atabaýew şol makalalarynda türkmen aýallarynyň şeýle gözgyny ýagdaýa düşmeginiň sebäbi yslam dini boldy diýip tassyklaýar. Ol aýallaryň mertebesini peseltmekligi, olary okatman garaňkylykda saklamaklygy barypýatan wyždansyzlyk hasaplaýar. M.Atabaýew aýal-gyzlarymyz uçursyz zehinlidir, olaryň şeýledigini haly dokap bilşinden hem görmek bolýar diýen netijäni öňe sürýär. Şeýle netijäniň özi şol döwürde uly açyşdy. Muhammetguly Atabaýewiň bu pikiri hem uly seslenme tapýar. Redaksiýa ýerlerden hatlar ýagyp ugraýar. Olaryň köpüsi gyz satmaklygy we köpaýallylygy gadagan edýän karar hakynda teklip girizseler, käbirleri ZAGS-lar açyp, nika depderçesiniň girizilmegini talap edýärler.
Muhammetguly Atabaýewiň syýasy meseleleri gozgaýan iň güýçli makalasy “Mollalara. Jogap Orazgylyç molla” diýen makalasydyr. Awtor şol makalada özüniň bar pikirini jemleýär. Halkyň yzagalaklygy baradaky öz oýlanmalaryny goşgy bilen beýan edýär. Ol Orazgylyç mollany nadanlaryň arkadaýanjy, bütin halky yza çekýän düşünjesiz bir adam hökmünde ýazgarýar.

Türkmen halkynyň üstüne atýan gabahat töhmetleri üçin, ol Orazgylyç mollany näletleýär. Ol halkyň hasabyna ýaşap, halka töhmet atýan şo tetelli näkesleriň öňünden çykylmaýandygyna gynanýar. Ine, M.Atabaýewiň şol goşgusyndan bir bölek:
*Ýaman molla käýýär, her tüýsli kim iýýär ýagşy tagam.*
*Seniň dek molladyr milleti yza goýan aam.*
*Ýygnap hüşür-zekat, ýokdur sizde gam.*

Molla işidir şahyrlyk edip gazal goşar aşa,
Gaýtargy ýok size, hetden çykar siz a:şa.
Gaýgy, pikir çekmezsiňiz ne iş düşer millet başa,
Mugt pul ýygnap, şat bolar siz sebäp ýaman işe.

M.Atabaýewiň bu makalasy ýeke Orazgylyç mollanyň garşysyna däl, ol şonuň üsti bilen reaksion ruhanylaryň hemmesini kötekleýär.
M.Atabaýew “Hiç sözlerime jogap bolmady” diýen makalasynda buržuazlaşan feodal gatlaklaryň wekilleriniň we reaksion ruhanylaryň halkyň ykbaly hakynda aladalanmaýandygyny, gaýta halky göz-görtele ezýändigini ýazgarýar. Ol bu pikirlerini goşgy bilen jemleýär. Ine, şol goşgynyň bir bendi:

*Meslige çydaman, baýrak berip uruşdyrarmyz iti,*
*Pikirmizge düşmez hiç wagt är namysy, milleti,*
*Sowar siz pullary biderek ýere,*
*Kylar siz her işleri garyp pukara.*

Dogrudan hem şeýle wakalaryň bolup geçenine taryh şaýat. Mary sebitlerinde bir baý it baýragyny belläpdir. It uruşdyryp, keýpden çykypdyrlar. Emma iti ýeňlen adamyň tarapdarlaryndan biri iti ýeňen tarapyň bir adamyny pyçaklap öldürýär. Bu habaram gazetiň sahypasynda Molla Sabyr Söýün oglunyň goly bilen ýerleşdirilýär ol habaryň ahyrynda bu zatlaryň hemmesi okuwsyzlykdan gelip çykýar diýýär.
m.Atabaýew bu fakty peýdalanyp, şonuň üsti bilen wakanyň sosial sebäplerini görkezýär. Şonuň ýaly nadanlygyň düýbi mes baýlardan gelip çykýar diýip nygtaýar.



M.Atabaýewiň agalyk sürüji gatlagy ýigrenýändigi onuň her bir makalasynda aýdyň görünýär. Onuň duzly sözleri feodal-klerikal toparlaryň wekillerini ýere sokýar. Ine onsoň olar asgyn gelip, ondan ar almak üçin Atabaýew “däliräpdir” diýip yglan edýärler. Gazetiň sahypalarynda Atabaýewiň üstüne töhmetçilikli we şahsyýetine zeper ýetirýän sözler bilen çykyş edýärler. “Atabaýew “keramatly” çynaryň düýbünde täze rus-türkmen mekdebini saldyrypmyş. Şondan onuň göýä akyly üýtgänmiş” diýen myş-myşlary ýaýradýarlar. Edil şol wagtlar 1915-nji ýylyň tomsunda M.Atabaýew keselläp, keselhanada ýatan eken. 1916-njy ýylyň ýaz aýlary Muhammetgulynyň aradan çykmagyny hem ruhanylar şoňa syrykdyrýarlar.
Gazetiň 1916-njy ýylyň 16-njy martyndaky nomerinde Muhammetguly Atabaýewiň biwagt aradan çykandygy hakda ýörite habar ýerleşdirilýär. Şol habarda mollalaryň Atabaýewiň ölümine heşelle kakýandygy hem ýatlanyp geçilýär. Bu Atabaýewiň dini-feodal toparlar üçin nähili howply adam bolandygyny alamatydyr.
M.Atabaýewiň täzeçillige çagyrýan, umumyadamzat progresi bilen aýakdaş gitmeklik ugrundaky göreşe çagyrýan batyrgaý sözleri rewolýusion ähmiýete eýedi. Ol öz halkynyň bilimli we sowatly bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýärdi.
M.Atabaýewiň ölümi barada şol habarda onuň öz halkynyň öňünde bitiren hyzmatlary, onuň ajaýyp ideýalary dogry bellenilip: “Elli ýyl, ýüz ýyl geçende hem Muhammetguly Atabaý ogly ýatdan çykmaz” diýlip ýazylypdyr.
Hakykatdan hem, onuň garaňky dünýäni böwsüp çykan ýagty arzuwlary türkmen halkynyň öz azatlygy ugrundaky göreşe oýanmagynda kömek etdi.
Muhammetguly Atabaýewiň aradan çykan gününden bäri elli ýyl geçip barýar, ýene ýüzlerçe ýyl geçer, emma türkmen halky özüniň bu merdana oglunyň adyny unutmaz.

Aman YLÝASOW,
taryh ylymlarynyň kandidaty.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 11.03.1964 ý. Taryhy makalalar